# Täze ýyl agşamy ýazylan goşgy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Täze ýyl agşamy ýazylan goşgy TÄZE ÝYL AGŞAMY ÝAZYLAN GOŞGY

Soňky ýaprak ýyl daragtyn terk etdi,
Dünýä indi garaşylan Täze ýyl.
Arzuw etdi bir-birege ynsanlar:
– Bagtyýar bol, oňat bolsun täleýiň!

Bu pursat ýol bolsun bar öýke-kine,
Ýagtyldalyň ýürekleriň gijesin.
Arzuwlar toşaba öwrülsin bu gün,
Şerbet şiresinden agzyň süýjesin.

Gazanan bar ýeňşim, ýalňyş ädimim, –
Bu gün yzda galan geçmişim bolar.
Ýöne, köne ýylym, unutsam seni,
Geljegiň öňünde etmişim bolar.

Seniň maňa beren şatlyk, aladaň
Belli däl täzede artyp-kemjegi.
Bagtly boldum seň göwsüňde köp gezek,
Maňa belli haýryň şeri ýeňjegi.

Ýürek ýagşylygyň hyzmatyn etdi?
Il bilen den gopdum, döretdim, gurdum
Synagňa döz geldim, ýykyldym käte –
Hiç başym egmedim, aýakda durdum.

Köne ýylym, hoşlaşaly, gideýin,
Adam ömri doly ýüz-müň işlikden.
Käte ýatlamalaň kilmin galdyryp,
Gararyn men geçmiş bolup işikden.

Orazguly ANNAÝEW.

«Garagum» žurnaly, 1/2017 ý. Goşgular